# «Maýkrosoft»: «Guglyñ baýdagyny ýatyrarys!»

Category: Kitapcy,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 22 января, 2025
"Maýkrosoft": "Guglyñ baýdagyny ýatyrarys!" "Maýkrosoft": "GUGLYÑ BAÝDAGYNY ÝATYRARYS!"




"Maýkrosoft" ("Microsoft") şereketiniñ internet gözleginde we gözleg maksatly mahabat ulgamynda Gugla ("Google") garşy başlanan kampaniýa, megerem, häzirki wagtyñ işewürler dünýäsiniñ iñ tutumly konkurensiýasy we iñ çykdaýjyly hüjümleriniñ biri bolsa gerek.
Pudagy dolandyryjylaryñ we hünärmenleriñ çak etmegine görä "Maýkrosoft" munuñ üçin ýylda azyndan 5 milliard dollar harçlaýar.
Internet gözleginiñ (поиск) kerwenbaşysy "Gugl" biri-birine utgaşykly dürli artykmaçlyklara eýe. Bilşiñiz ýaly, iñ köp maglumat gözlegi-de guglda edilýär.
Bu gözlegler guglyñ algoritminiñ gözleg netijelerini gowulandyrmak üçin öwrenip boljak has köp mümkinçilikleri hödürleýär.
Peýdalanyjylaryñ ählisi mahabatçylary çekýär. Werziş bolup giden gugl "gözleg" sözi bilen sinonim söze öwrülip gitdi.
"comScore" wirtial bazar gözlegi şereketiniñ mälim etmegine görä, "Maýkrosoftyñ" kyrk dilde ulanyp bolýan "Bing" gözleg saýty iki ýyl mundan öñ döredilen wagtyndan başlap, aksiýa paýyny yzygiderli artdyryp, amerikan bazaryndaky gözlegleriñ 14%-ne ýetdi.
2010-njy ýyldan bäri "Maýkrosoft" bilen ýaranlyk edýän "Ýahu" (Yahoo) üçin girilýän gözlegler bolsa şereketiñ gözleg

tehnologiýasynyñ jemi 30%-ne çykdy.
Guglyñ amerikan bazaryndaky üçden iki paýy bolsa üýtgemän galdy. "Maýkrosoftyñ" çykdaýjylary gitdigiçe artýar. Şereketiñ içki hyzmatlar boýunça bölümi (esasan gözleg funksiýasynda) diñe üstümizdäki ýylda 2,56 milliard dollar zyýana galdy. Bölümiñ girdejisi 15% artyp 2,53 milliarda ýetenem bolsa, çekilen zyýan girdejiden agdygrak gelýär. Maýa goýumçylar bolsa ynjalykdan gaçyp başlady. "Maýkrosoftyñ "beýnisi" Stiwen Ballmeriñ öz islegi bilen işden gitmegini talap eden şereketiñ fondunuñ dolandyryjyay Dawid Eýnhorn içki hyzmatlar bölüminiñ şereketiñ iñ gowşak nokadydygyny aýdýar.
"Maýkosoft" gözleg funksiýasyny has amatly ýagdaýa getirmegi meýilleşdirýär. Şereket boýunça hemişeki gözlegler esasan gyzyklanylýan ugurlar we haýsydyr bir zadyñ ady boýunça bolýar. "Maýkrosoftyñ" içki hyzmatlar bölüminiñ hytaýly başlygy Ki Lu "Hemme zat atlar boýunça gözlenýär. Emma biziñ maksadymyz internet ulanyjylaryñ maksadyny çak boýunça hasaplap, olaryñ tapmak isleýän maglumatyny dykgatyna ýetirmek" diýdi. "Maýkrosoft" muña "gözleg düwmesi" diýmegiñ deregine "karar düwmesi" diýýär. Feýzbuk (Facebook) bilen hyzmatdaşlyk edýän "Maýkrosoft" bu babatda internet ulanyjynyñ feýzbukdaky tanyşlaryna "Oñla" sözbaşysy bilen Bingdäki gözlegleri garşylaşdyrýar. Düwmä basylan haýsydyr bir gözleg feýzbukdaky tanyşlaryñ on bäşisiniñ belli bir restorany "halandygyny" görkezip bilýär. Lu munuñ werziş bolan gözlegleriñ örän oñat amala aşyrylýandygy hakyndaly pikirlerine goşmaça hökmünde ynamdar pikirleri hem netijelere goşmak üçin gowy başlangyçdygyna ynanýar.
Internete giriji gyzyklanan maglumatymy tapanynda bu boýunça goşmaça has giñişleýin çeşmeleri hem onuñ dykgatyna ýetirmek meýilleşdirilýär.
Lunyñ pikiriçe el telefonymyzyñ gözleg düwmesine "Anna güni iki adamlyk nahar we bir çeper film" diýip ýazanymyzda, naharlaryñ, naharhanalaryñ we çeper kinofimleriñ sanawy orta çykmaly.
Yzyndanam basan gözleg düwmäñizde: "Iñ amatlylary şulardan ybarat. Haçan we nirde garbanmak isleýäñ?" diýen ýazgy çykmaly.
Mahlasy, bu hem-ä köpugurly kömekçi hyzmat, hemem añyñyzdan geçenleri okaýan gözleg düwmesi.
Bingdäki "karar düwmesi" gözlegler netijesinde belli bir

maglumat goruny toplap internet ulanyjynyñ dykgatyna ýetirme ukybyna eýe. Meselem munuñ üçin "Maýkrosoft" turistik hyzmatlara hem maýa goýumlaryny goýdy. Binge "San-Fransisko uçuş" diýip ýazanyñda ähli uçuşlaryñ sanawyny çykaryp, petegiñ bahasynyñ hem näçedigini, hatda nyrhyñ ýokarlanyp ýokarlanmajagyny hem habar berýär. Bu artykmaçlyk 2008-nji ýylda 115 million dollara satyn alynyp "Maýkrosoftyñ" düzümine goşulan täzelikçi "Farecast" şereketiniñ tehnologiýasyna esaslanýar.

Bingiñ dört ýyl öñ alan saglyk hyzmatlary boýunça gözleg düwmesi "MedStory" şereketiniñ tehnologiýasyna esaslanýar.

Meselem gözleg düwmesine "diabet" diýip ýazanyñyzda gysgajyk tanyşdyryş ýazgysyndan soñ saglygy goraýyş neşirlerinde çap bolan makalalardan başga, gyzyklanylan ugur boýunça täzeliklere, dermanlara we Twitterde diabet hakynda çykan iñ soñky habarlara duş gelersiñiz.

Täzelikçi şereketler maýa goýumlaryny goýan tejribeli tehnologiýa hünärmeni Ester Daýson "Maýkrosoft" internet ulanyjylara maglumat gorlarynyñ sanawyny bermek bilen birlikde ummasyz maglumatlaryñ ummany hökmünde orta çykmak üçin işleýär" diýdi.

Ýöne Guglam elini gowşuryp oturaýanok. Olaram öz hyzmatlaryna birnäçe täzelikleri girizip durýar. Şereket aprel aýynda içki howa ýollarynyñ uçuş maglumatlary elinde saklaýan "ITA Software" şereketini satyn aldy.

Gugl geçen ýylam gözleg düwmesine basylýan soraglaryñ manysyny has gowy çözmek üçin giñişleýin maglumat goruny ulanýan "MetaWeb" şereketini satyn alypdy.

2008-nji ýylda bolsa ugurdaş many berýän gözleg tehnologiýasynyñ ussady "Powerset" şereketini öz düzümine goşupdy.

Waşington uniwersitetiniñ kompýuter tehnologiýasy boýunça alymy Oren Etzioni "Iki şereket hem gözleg düwmesini has amatly görnüşe getirmek üçin ähmiýetli işleri edýär" diýdi.

Bingiñ gözleg mümkinçiliklerinde girizilen oñaýlylyklar we çalt açylyş sahypasy öwgä mynasyp boldy. Strategiýa agentligi "MediaVest"-iñ "beýnisi" Laura Desmond "Maýkrosoftyñ" guramaçylykly müşderileriniñ arasynda gözleg mahabatlaryndan alan ýükläp alma paýynyñ soñky dokuz aýda 14%-den 24%-e çykandygyny aýdýar.

"Maýkrosoft" heniz gözleg funksiýasy boýunça mahabat

girdejisini doly gazanyp bilenok. Ýahu-dan (Yahoo) gönükdirilýän her gözlegden gazanylýan girdeji Ýahunyñ öz gözleg mahabatlaryny özbaşdak dolandyran döwründäkisinden has pes. Ýöne heniz onuñ mümkinçilik peýleýän bolmagam ahmal. Özüni "Guglyñ janköýer ulanyjysy" hasaplaýan "Altimer Group" tehnologiýa gözlegleri şereketiniñ esaslandyryjy Çarlin Li indi uçuşlar we käte restorandyr naharhanalar bilen baglanyşylly gözlegler üçin Bingi ulanýandygyny aýdýar. Şeýle-de Li "Maýkrosoftyñ" iñ esasy bil baglaýan zady, barha artýan internet ulanylylaryñ turizm ýaly belli-başly işler üçin Bingi saýlap almasydyr. Eger şonda müşderiler görkezilýän hyzmatlary halasalar, Bingi hasam köp ulanmaklary mümkin" diýip aýdýar.

Steve LOHR. Ylym we tehnologiýa